***Şu gün, 30-njy dekabrda «AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2» bäsleşiginiň 1/8 finalynyň bije  çekişlik dabarasy boldy. Netijelere görä, Türkmenistanyň «Arkadag» topary Kriştianu Ronaldonyň çykyş edýän topary – Saud Arabystanynyň «Al-Nasr» FK bilen oýnar.***

Mälim bolşy ýaly, Aziýa yklymynyň abraýly bäsleşiginde çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony toparçalaýyn bäsleşigiň jemleýji, bäşinji tapgyrynyň çäginde geçirilen duşuşykda Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparyndan 1:0 hasabynda üstün çykyp, utulan-çykdy tapgyryna çykmagy başardy. 1/8 finalda Türkmenistanyň çempionynyň garşydaşlary öz toparçalarynyň ýeňijileri BAE-niň «Al-Wasl», Iordaniýanyň «Al-Husseýn» hem-de Saud Arabystanynyň «Al-Nasr» toparlary boldy. Bu gün bolsa bije çekişligiň netijesi yglan edildi.

Şeýlelikde, «Arkadag» bilen «Al-Nasr» toparlarynyň birinji duşuşygy 2026-njy ýylyň 10-11-nji fewralynda Aşgabatda geçiriler. Dünýä futbolynyň rowaýaty hasaplanýan Ronaldo hem, eger gelmekden dänmese, Türkmenistanda geçiriljek futbol duşuşygynda çykyş eder.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 30.12.2025